# Janserek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Janserek JANSEREK

Erňeginde Wysal atly sekiniň
Otyrys utanjaň duýgym ikimiz…

Çykalga gözleýäs, kelle döwýäris,
Bir ýol tapaýmaly basymdan basym…
Ýolugra sataşyp günleň birinde
Utanç bilen dost bolupdyk bir pasyl.

Indem aýyrlyşmak agyr düşse-de,
Bu ýoly birimiz etmeli dowam.
Ýöne kim galmaly,
Kim ýöremeli?
Ine, gerek bolsa jogapsyz sowal!
Başymyza düşen janwereklikden
Habaryň bir barmy, eý, sahypjemal?

Hoşlaşaly diýsem, göwnümi ýykmaz,
Dostlarça hoşlaşyp, aýrylar utanç.
Näçe kyn bolsa-da, goşar gardaşym
Bagta ýetmegime ullakan gatanç.

Menem syraryn-da, ýüzmüň perdesin,
Ýüregim dökerin gaşyňa baryp.
Belki şonda gonup biler depäme
Entek golaýyma gelmedik bagt.

Ynanýan, özgerdip bilerin baryn,
Şu mahal ýekeje ädimjik ädip.
Ýöne bir mesele baglaýar ýolum,
Men ýaşap bilerin UTANÇSYZ nädip? Goşgular